# Indi telim aýdyr…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Indi telim aýdyr… INDI TELIM AÝDYR…

Indi telim aýdyr habar-hatyr ýok,
Dünýäm, dünýe ýaly dymýaň nämüçin?
Küýüm unutmakda,
Undup bolanok.
Saňa ýazmagam kyn,
Ýazmazlyk has kyn.

Sen gitdiň,
Görerden aralyk alys.
Şükür, ruhuň welin gidenok serden.
Indi sabrym gaçdy, irdim men halys,
Saňa meňzeş gyzy gözläp şäherden.

Niçik, janyň sagmy?
Hem bir tap barmy?
Ýazyp dur bar bolsa, üýtgeşik geň zat.
Käte durmuş bilen örän gadyrly,
Käte gadry gaçan myhmana meňzäp.

Ýaşap ýörün menem ýeriň ýüzünde,
Belki, parham ýokdur onuň seň üçin.
Durumsyzlyk bilen ýazýaryn ýene,
Saňa ýazmagam kyn,
Ýazmazlyk has kyn.

Hata garaşýanam bolmagyň mümkin,
Ýa meniň ýüregim duýmak ýerine
Joraň bilen okap gülmegiň mümkin,
Ýürek bilen ýazan setirlerime.

Gülseňem owarram,
Galmasyn arman,

Söz ýürekde galman, goý çyksyn serden.
Bary bir takat ýok, irdim men halys
Saňa meňzeş gyzy gözläp şäherden.

Ahmet GURBANNEPESOW. Goşgular